# «Beýnimiň içinde gopgun turzuşyp…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Beýnimiň içinde gopgun turzuşyp…" «BEÝNIMIŇ IÇINDE GOPGUN TURZUŞYP…»

*Мы в жизни любим только раз,*
*А после ищем лишь похожих…*
***С.Есенин***

Beýnimiň içinde gopgun turzuşyp,
Pikirler bu günem duelde durlar.
Senli günler ykbalyma bir yşyk,
«Sensizlik» – dokuz harp, bir ömür bolar.

Dünýämde ýeke reňk, olam garalyk
Tümlikde ýatan, kalby kör, biri men.
Gitjek bir gün reňkli dünýä garylyp,
Şol umyt bile – entekler diri men…

Sendiň baky ylham, tükenmez gorum,
Sensizlikde boşap galdy söz känim,
Hem-ä ýekedigiň gaýtalap ýörün,
Hem gözleýän saňa meňzeş özgäni…

Ylham GURBANALYÝEW. Goşgular